# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

**atly ylmy-amaly maslahatyň**

## TEZISLERI

TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATY
TÜRKMENISTANYŇ MEJLISI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DEMOKRATIK PARTIÝASY
WE JEMGYÝETÇILIK GURAMALARY
TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET, HUKUK
WE DEMOKRATIÝA INSTITUTY

# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

**atly ylmy-amaly maslahatyň**

## T E Z I S L E R I

*(2024-nji ýylyň 16-njy maýy)*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2024

uly sepgitlere ýetildi. Türkmenistan intellektual eýeçilik babatdaky birnäçe halkara konwensiýalarynyň we ylalaşyklarynyň. ýagny Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasy tarapyndan esaslandyrylýan Konwensiýasynyň, Senagat eýeçiligini goramak boýunça Pariž konwensiýasynyň, Patent kooperasiýasy baradaky Şertnamanyň, Oýlap tapyşlar boýunça Ýewraziýa patent konwensiýasynyň, Haryt nyşanlarynyň halkara bellige alnyşygy baradaky Madrid ylalaşygynyň protokolynyň, Halkara patent klassifikasiýasy baradaky Strasburg ylalaşygynyň, Senagat nusgalaryny Halkara Klassifikasiýasy baradaky Lokarn ylalaşygynyň, Haryt nyşanlary bellige almak boýunça Harytlaryň we Hyzmatlaryň Halkara Klassifikasiýasy baradaky Nissa ylalaşygynyň, Haryt nyşanlaryň şekil elementleriň Halkara Klassifikasiýasy baradaky Wena ylalaşygynyň, Olimpiýa nyşanlaryny goramak hakyndaky Naýrobi Şertnamasynyň, Senagat nusgalaryň halkara bellige alynmagy baradaky Gaaga Ylalaşygynyň Ženewa Namasy hem-de Edebiýat we çeper eserleri goramak baradaky Bern konwensiýasynyň agzasy bolup durýar.

**Selbi Nazarowa,**
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň***
***Halkara gatnaşyklary instituty***

## DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARY YLMY KONSEPSIÝALARYŇ BINÝADY HÖKMÜNDE

Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň üstünlikli dowam edýän işleri netijesinde Türkmenistanda Ýer ýüzüniň abraýly iri Guramasy bolan BMG-niň dürli maksatnamalarynyň, şol sanda Durnukly ösüş maksatlaryna degişli resminamada bellenilen wezipeleriň ýurdumyzda berjaý edilmegini gazanmak ugrunda nusga alarlyk işler amala aşyrylýar. Mälim bolşy ýaly, Bir-

leşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda geçirilen 70-nji ýubileý mejlisinde kabul edilen Durnukly ösüş maksatlary (DÖM) ykdysady, durmuş we daşky gurşawyň ösüşini üpjün etmek üçin ählumumy maksatlaryň ulgamydyr. Ol 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin ösüş babatdaky 17 global maksady we 169 wezipäni, 240-dan gowrak görkezijileri özünde jemleýär. Durnukly ösüş maksatlarynyň ýerine ýetriliş döwri 2016–2030-njy ýyllar aralygyny öz içine alýar. DÖM-leriň konsepsiýasy esasan ykdysady, durmuş we ekologiýa ugurlaryny birleşdirýär. Ykdysady ugur – tebigy, energetiki, maddy-önümçilik serişdeleriň oýlanyşykly ulanylmagynda jemlenýär, durmuş ugry – adamzadyň ösüşine, durmuş we medeni ulgamyň durnuklylygynyň üpjün edilmegine gönükdirilendir, ekologiýa ugry bolsa – tebigy ulgamlaryň biologik we fiziki umumylygynyň üpjün edilmeginde jemlenýär. Bu maksatlar ylmy taýdan esaslandyrylan strategik ugurlara eýedir. Çünki olar bütin dünýäniň döwletleriniň we halklarynyň geljekki ýaşaýyş-durmuşynyň abadançylygyny üpjün etmek bilen gönüden-göni baglydyr. Munuň ylmy-konseptual wezipelere laýyk gelmegi şol maksatlaryň örän möhüm aýratynlygyny ýüze çykarýar. Şeýle bolansoň, Türkmenistan durnukly ösüş maksatlaryny döwlet maksatnamalaryna hem-de meýilnamalaryna ornaşdyrmak babatdaky işiň başyny başlap, bu işlere ylmy nukdaýnazardan çemeleşdi hem-de olary milli derejede uýgunlaşdyran ýurtlaryň ilkinjileriniň biri boldy.

Durnukly ösüş maksatlary baradaky strategiýa kabul edileli bäri, Türkmenistan durmuş ugurly syýasatynda uly netijeleri gazanmagy, bazar ykdysadyýetine geçilmegini öňe ilerletmegi, howanyň üýtgemeginiň täsirlerine uýgunlaşdyrmak we şol täsirleri azaltmak boýunça çäreleri durmuşa geçirmegi başardy, şeýle hem elýeterli we ýokary hilli saglygy goraýyşy üpjün etmekde we bilim bermekde oňyn görkezijileri gazanmagyny dowam edýär. Ykdysady pudaklaryň «ýaşyl» tehno-

logiýalar bilen üpjün edilmegi bilen birlikde, Türkmenistanda tebigy baýlyklardan oýlanyşykly peýdalanmak we howanyň üýtgemegine netijeli uýgunlaşmak, bazar gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça uly işler geçirýär, mümkinçilikleriň deňligini zenanlaryň ýurduň ykdysady, syýasy hem medeni durmuşyna doly gatnaşmagyna aýratyn üns berilýär. Ýurdumyz, şeýle hem Durnukly ösüş maksatlarynyň gazanylmagyna gözegçilik etmek üçin görkezijiler ulgamyny ösdürmäge işjeň gatnaşýar. Häzirki wagtda bu ugurda milli derejede çäreler görülýär. Munuň özi Durnukly ösüş maksatlary babatda kognitiw häsiýetde kwintessensiýa bolup çykyş edýär. Umuman aýdanyňda, Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş maksatlarynyň gün tertibi boýunça meýilnamalary durmuşa geçirmekde ylmy taýdan esaslandyrylan uly işleri amala aşyrýandygyny, ýörelgesi «hiç kim goldawdan üzňe bolmaly däldir» diýlen maksatlara laýyklykda halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek üçin zerur başlangyçlary we teklipleri yzygiderli öňe sürýändigini nygtamak guwnaçlydyr. Bu bolsa Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzyň perfeksionizm arkaly ösüşiň täze basgançaklaryna çykýandygyny alamatlandyrýar.

**Suraý Öwliýagulyýewa,**
**Rahym Akmuradow**
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň***
***Halkara gatnaşyklary instituty***

## TÜRKMENISTANYŇ «ÝAŞYL ENERGETIKANY» ÖSDÜRMEK STRATEGIÝASY: MÖHÜM WEZIPELER WE HALKARA HYZMATDAŞLYK

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň kuwwatly energetika döwlet hökmünde ýangyç-energetika toplumynyň mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak, elektrik energiýasyny